# Muhammet pygamber -20: romanyň dowamy

Category: Kitapcy,Söhbetdeşlik,Sözler,Taryhy proza
написано kitapcy | 26 января, 2025
Muhammet pygamber -20: romanyň dowamy




5.
*Eý Muhammet, ýene-de bir gezek Kurany oka, seniň Belent-Terbiýeçiň bolan Taňry sahylardan sahydyr, hemme hormatlylardan hormatlydyr.*
***Gurhan. 96-njy süre. 3-nji aýat*.**

Hatyja Muhammediň, indi Hyra dagy diýip, dyzap durmaýanlygyna begenýärdi. Birneme horlanan, ejir, jebir çekme kemi galmadyk, ýöne öňküden hem müň esse ezizlenen Muhammet gije-de, gündiz-de, ýerinden turman namaz okaýardy. Onuň doga-dilegleriniň ahyry gelenokdy. Ýöne ol öýde hiç kime päsgel bermeýärdi. Güni bilen iýmäge-içmäge zat soramaýardy. Daşa-işige diňe synja kylmak üçin çykaýmasa, ony howjuda, beýlekide görjek gümanyň ýokdy.
Muhammet Hyra dagynda çeken juda agyr yzalaryndan soň indi özüne gelip bilmeýändigini duýdy. Indi onuň güýji, diňe namaz okap, doga sanamaga ýetýärdi.
Ol öz halsyzlygyny, ysgynsyzlygyny düşege geçip ýatmak bilen

ýeňäýjek bolýardy. Ýöne düşege geçende-de, gyşaryp ýatanda-da gözlerine uky gelmeýärdi.
Ol indi çalaja pyşyrdydan hem, çybşyldydan hem gaty gorkup başlady. Göwnüne bolmasa, şol läheň zat–Jebraýyl gelip, ýene-de kükreginden basyp, bagyrdyberjek ýalydy. Ýöne indi ol yzalary çekmäge Muhammediň güýji ýetjek däldi. Şonuň üçin ol gündiziň günem içerde çyra ýakdyrýardy.
Bir gije onuň gözi ýene-de şol gara zada düşdi. Ol zat indi öýe gelipdi. Özem hemişe Hatyja uklap galandan soň gelýärdi. Muhammede seredip, işigiň agzynda garawul ýaly bolup durýardy. Soňam garaňkylykda eräp gidýärdi.
Muhammet bu ýagdaýy Hatyja aýtdy.
Hatyja doganoglan agasy Warakanyň «şeýtan bolmagam ahmal» diýen sözlerini ýadyndan çykaranokdy. Ol şeýtanyň alynyň gaty köp bolýandygyny adamlaryň dilinden kän eşidipdi. Muhammet ýaly päkize, çirksiz sada, geçirimliden mähriban adama kast etmägem, oňa gara ýöňkemegem kyn däldi. Ol päkizeden akdy. Ak zatda sähel kirem, sähel gara-da özüni gowy duýýardy. Juda çalt ornaýardy. Soňa baka onuň esasy reňki ýaly bolubam galyberýärdi.
– Kim bilýär, ony şeýtan oýnasa-da oýnaýandyr! – diýip, Hatyja-da gününi oýlanyp geçirýärdi.
Bu oýlar Muhammediň hem ýüregine ornaýardy. Ol bu gelýän zadyň kimdigini, nämedigini asla bilip bilmeýärdi. Ol hiç haçan oýuna, pikir-hyýalyna gelmejek zatlar köňlüne ýazylansoň, onuň diline adam-ogluna ýat bolan, durşuna syr, paýhas bolup duran sözleri salyp bereniň şeýtan bolmagyny asla islemeýärdi. Ol sözleriň diňe Belent-Taňrynyň kelamy bolmagyny isleýärdi.
– Ýok, eger ol şeýtan bolsa, oňa «Bismillähirrahmänirrahim!» diýip bilmez ahyryn!…
Muhammet juda azara galyp, kalbyny, pikir-duýgularyny dörýärdi. Oýlanyp, bolup geçen ýagdaýlary öz ýanyndan pugta saldarlap görýärdi. Soň ýene-de namaz okamaga, doga-dileg etmäge başlaýardy.
Şol äpet gara zat bu gezek Muhammediň, bolýan otagyna girdi. Muhammet indi Hyra dagyndaky ýaly gorkup duranokdy. Ýöne, gepläp, onuň bilen söhbetleşibem bilenokdy. Gelen «myhmanyň»

özem oňa ýüzlenip, bir zatlar diýenokdy. Ol Muhammet irkilensoň ýene-de gidýärdi.
— Patmanyň ejesi! — diýip, Muhammet birnäçe günden soň, ýene-de Hatyja ýagdaýy aýtdy. — Şol gara zat indi ýatýan otagymyza-da girip başlady.
Hatyjanyň ýüzi duw-ak boldy.
— Ol kimkä, agam ogly! Çyndan hem Hakyň çaparymyka? Ýa-da şeýtanmyka? Ilki bilen şony bir bileli. Eger şeýtan bolsa, üstüňden güldürme. Eger Hakyň ilçisi bolsa, onda bagtymyzyň geldigi…
Agşama çenli wagt bardy. Muhammet säher bilen Käbä zyýarat etdi. Ol, nämüçindir, bu dünýäniň adamsy däl ýalydy.
Ähli duýgusy, pikiri ruhunyň çuňňur gatlaryny dörýärdi. Ol indi açlygyny, suwsuzlygyny, yssy jöwzany duýanokdy. Onuň ýekeje arzuwy, ol hem Beýik Taňrynyň ylhamyndan ganasy gelýärdi. Öz başyndan geçýän ýagdaýlara düşünesi gelýärdi. Çünki, göwnüne bolmasa, ol indi ynsan balasy bolman, Hakyň bir bölegine öwrülen ýalydy. Ol indi Taňrynyň Ýerde gezip ýören düşelgesi ýalydy. Sebäbi onuň köňli Hakyň kelamynyň ýazylýan mekany bolupdy. Onuň köňlünde Hakyň kelamy lowlap durdy. Dilinde diňe Perwerdigäriň senasy bardy. Didelerinde Hakyň didaryna zar çekmegiň beýik jebri bardy.
— Muhammet!
Edil Käbäniň ýanynda eşdilen bu ses ony bu jahana alyp geldi. Ol özüni bir pursatjyk bu dünýäniň eline berdi. Onuň gözleri öz guly bilen tirkeşip gelýän Waraka b. Nowfele düşdi. Ol adam itme bolansoň, kän bir gaty ýöräp bilenokdy. Ýöne onuň elinden tutup gelýän guluň hereketinden çen tutsaň, olaryň howlugýandygyny aňmak boljakdy.
— Mübärek bolsun, agam ogly! Sen indi beýik Taňrynyň ilçisisiň. Öz ymmatyň pygamberisiň.
Muhammet oňa sesini çykarmady. Emma Waraka ondan jogap talap edip duranokdy.
— Beýik Taňryň seni biçak sylapdyr. Ýöne göwrümiňi giň tutgun. Seniň duşmanlaryň gaty kän bolar. Ýöne hemaýatçyň belent Taňryňdyr!
Waraka başyny gowgaly ýaýkady.

– Wah, milleti täze dine çagyrjak wagtyň, menem öňkim ýaly ýaş, hyjuwly bolan bolsaňym. Kowmuň sen ýurdundan kowup çykarjak wagty öňkim ýaly ýüwrüp ýören bolsadym, seniň hemaýatçyň bolardym…
Muhammet bu adamyň gapdalyndan ýuwaşja ýöräp barşyna, bu sözleriň manysyna düşünmedi. Waraka bu sözleri oňa Jebraýylyň kelam okadan gijesem ýatladypdy. Muhammet şonda-da bu sözleriň manysyna düşünmändi. Şonuň üçin ol ädimini haýallatdy-da sowal berdi.
– Meni näme üçin ýurdumdan çykarsynlar, Waraka?!
Waraka ýüzüni asmana tutdy.
– Täze bir dini halka ýaýjak bolanyňda, halk seni erbet horlar. Seni dogduk mekanyňy terk etmäge mejbur ederler. Bu ýagdaý pygamberleriň köpüsinde bolandyr. Ol sende-de bolar. Şonda saňa çyn hemaýatkärler gerek bolar. Wah, men ýaş bolan bolsam, wepaly hemaýatkäriň bolardym. Emma gaty garradym, onuň üstesine gözlerimem batyl…
Muhammet şondan soň geplemedi-de, tä öýüne gelýänçä, oýa batyp geldi.
Hatyja Muhammet, onuň düşüp ýören güni baradaky oýlardan ýekeje salym hem sypyp bilmeýärdi. Şonuň üçin ol Muhammet zyýaratdan gelen badyna onuň ýanyna bardy.
– Kasymyň kakasy, sen şol ilçi gelen badyna meni oýatsan-a. Ony menem bir synap göreýin bolýarmy!
Gün batyp, garaňky ýagşy düşüpdi. Muhammet namazyny okady, doga-dileg etdi-de, öz otagynda ýazylan düşege geçdi. Hatyja eýýam ýatypdy. Gijäniň bir wagty şol gara sudur ýene peýda boldy. Gözlerine uky gelmän oýa gark bolup ýatan Muhammet ol sudur peýda bolan badyna Hatyjany yralady.
– Ol geldi, tur!
Hatyja oýandy. Soňra ol Muhammede:
– Agam ogly, ýeriňden tur! Indi meniň çep uýlugymyň ýanynda otur – diýdi.
Muhammet onuň çep gapdalynda oturdy.
– Sen ony görýäňmi?
– Görýän!
Hatyja indi ony sag uýlugynyň ýanynda oturtdy.

— Görýäňmi?
Muhammet gözlerini giňden açyp, işige garşy seretdi.
— Ol şindem dur!
Hatyja ony iki satanynyň arasynda oturtdy.
— Görýäňmi?
— Hawa, görýän!
Hatyja şol wagt ýüzüni açdy.
— Indi görýäňmi?
Muhammet işige seretdi. Gara sudur ýokdy.
— Ýok, ol indi gitdi!
Hatyja, juda begendi. Ol şatlygyny içine sygdyryp bilenokdy.
— Agam ogly, gözüň aýdyň. Gelen şeýtan-da däl, jyn-da. Ol hakykatdan hem perişde eken.
Muhammet bu söze kanagatlanyp bilenokdy. Onuň has anyk sözleri eşidesi gelýärdi. Göwnüne bolmasa, Jebraýyl perişde öýde oňa nämedir bir zatlar aýdyp, diýip bilmeýän ýalydy. Muhammediň bolsa bu aýdylany bilen oňasy gelenokdy. Onuň aýdylmaly sözi soňuna çenli eşidesi gelýärdi. Ol mundan soň öýde arkaýyn ýatyp biljek däldi. Ol ýene-de Hyra dagyna garşy ugrady.
Muhammet Hyra dagynyň gowagynda ýapynjasyna bürenip ýatyrka Jebraýyl ýene-de geldi. Ol bu sapar üýtgeşik, höküm ediji ses bilen şu sözleri aýtdy.
— Eý Muhammet, Sen Allanyň pygamberi? Men-Jebraýyl!

* * *

Muhammet pygamber şeýle diýipdir:
— Jebraýyl perişde her gezek gelende şu iki doga-dilegi hem getirerdi. «Eý Alla! Meni halal we päk ryzk bilen ryzklandyr. Hem-de salyh (ýagşy) amallar etmeklige towfyk (kömek) ber».

Rowaýat:

«Hyjazdaky «Suky Ukaz» bazary adamdan hyryn-dykyndy. Kim haryt alýardy, kim haryt satýardy, kim bolsa keýpine şärik bolup, bazary synlaýardy. Şonda birden bir owazly ses ýaňlanyp başlady. Adamlaryň nazary şoňa garap ýüzlendi. Ol Iýad tiresiniň ýaşulysy, zamanasynyň ajaýyp şahyry hem-de akyldary

Kuss b.Seýitdi. Ol tüýleri gyzgylt öwüsýän düýäniň, üstünde merdemsilik bilen otyrdy. Ýaşy ýüzden geçen bu piriň içine giden gözleri çuňňur guýynyň içindäki suw ýaly, güneşe çalaja ýylpyldaýardy. Ol piriň bili bükülse-de sesi, owazy juda aýdyňdan ynamly çykýardy. Ol bazarçylara bakyp, şygra meňzeş bir namany samraýardy:
– Eý, ynsanlar! Geliň, diňläň, belläň! Many alyň! Ýaşaýan öler, ölen ýok bolar! Boljak işe, çäre ýokdur!
Ýagyş ýagar, otlar gögerer. Çagalar doglar, eneleriniň, atalarynyň ornuny tutar. Olar hem ölüp gider…
Gulak asyň, dykgat ediň! Gökde habar, Ýerde many alynjak zatlar bar. Ýer ýüzi bir uly diwan, gök ýüzi bir uly gümmez. Ýyldyzlar ýörär, deňizler durar. Gelen galmaz, giden gelmez.
Baran ýerlerinden hoşnut bolup galýarlarmyka? Ýa ol ýerde uka gaplan- ýarlarmyka? Ant içýärin, Allanyň ýanynda bir din bardyr we bu din şu wagtky dinden has söýüljekdir.
Allanyň geljek bir pygamberi bardyr we gelmegi öran ýakyndyr. Eýýam kölegesi depäňize geldi. Oňa iman edenler nähili bagtly, oňa garşy çykanlar nähili betbagt adamlar…»
Resul Alla pygamber bolanda Kuss b.Seýit aýatda ýokdy. Emma Resul Alla ol barada gürrüň berdiler. Şonda ol öz ýanyna musulman bolmaga gelen Beni Iýadyň ýaşulusy Jarud B b. Aladan Kuss b. Seýit barada sorady:
– Hawa, biz şonuň ýolundan gidenlerdiris. – diýip, Jarud b. Ala aýtdy. Biz Siziň dünýä geljegiňizi Injilden hem okadyk. Ony Merýemiň ogly buşlady. – Onuň gürrüňine şol söhbetdeşlikde oturan Ebu Bekir hem tassyklady. Ony eşiden Resul Alla serwerimiz:
– Umyt edýärin, Alla Tagala kyýamat gününde Kuss b. Seýdäni aýry bir ymmat edip, haşr eder. – diýip hoşal boldy. Taryhy proza